**Türkmenistanyň**
**Inžener-tehniki we ulag**
**kommunikasiýalary institutynyň**

# TERTIPNAMASY

**Aşgabat – 2019 ý.**

Şu Tertipnama Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Raýat kodeksiniň, “Kärhanalar hakynda”, “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 20-nji martynda çykaran 13552-nji karary bilen tassyklanan “Döwlet ýokary hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnamanyň” hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň esasynda işlenilip düzüldi.

Şu Tertipnama hünär, ruhy we sazlaşykly terbiýe, raýatlygyň kemala gelmegi we kämilleşmegi üçin okaýan talyplara durmuşy we bilim hyzmatlaryny üpjün etmek boýunça ýokary okuw mekdebiniň umumy guramaçylyk-hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini we iş ýörelgelerini kesgitleýär.

## 1. UMUMY DÜZGÜNLER

**1.1.** Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 12-nji iýunynda çykaran 1261-nji karary bilen Türkmenistanyň Jemagat hojalygy institutynyň ady üýtgedilip, Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty diýip atlandyryldy. Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty (mundan beýläk - Institut ) döwlet ýokary hünär bilimi edarasy bolup durýar.

**1.2.** Institutyň Esaslandyryjysy bolup, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginde 2013-nji ýylyň 11-nji martynda 23654390 belgili bilen hasaba alnan Türkmenistanyň Bilim ministrligi çykyş edýär. Onuň hukuk salgysy: Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 104.

**1.3.** Institut bilim, terbiýe we ylym ulgamynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan üçin çuň bilimli, ýurduň bähbitlerini halkara giňişliginde mynasyp gorap bilýän we häzirkizaman ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklary şertlerine laýyklykda işlemäge ukyply, ýokary hünär bilimli işgärleri taýýarlamagyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar.

**1.4.** Institut döwlet ýokary bilim ulgamynyň dünýewi, demokratik we hukuk döwletini döretmek ugrundaky ruhy, durmuş-ahlak, ylym, ykdysady we medeni öňegidişlikleriniň özenini düzýär.

**1.5.** Institut Türkmenistanyň Prezidentiniň milli bilim boýunça döwlet syýasatyny iş ýüzünde amala aşyrmak üçin professor-mugallymlaryň, işgärleriň we talyplaryň ylmy-döredijilik birleşmesidir.

**1.6.** Institut ilkinji gezek Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi tarapyndan 2017-nji ýylyň 14-nji iýulynda 15777017 belgili “Türkmenistanyň Jemagat hojalygy instituty” ady bilen hasaba alyndy.

**1.7.** Institut Türkmenistanyň Malie we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan 2018-nji ýylyň 10-njy awgustynda 25185165 belgi bilen gaýtadan bellige alnan Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň garamagyndaky Türkmenistanyň Jemagat hojalygy institutynyň ähli hukuklary we borçlary boýunça mirasdüşeri bolup durýar.

## 2. INSTITUTYŇ HUKUK DEREJESI

**2.1.** Institutyň Tertipnamasy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet

ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan bellige alnan hem-de Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizilen pursatyndan güýje girýär.

**2.2.** Institut resmi edaradyr, ol aýrybaşgalaşdyrylan emläkli, özbaşdak balansly Türkmenistanyň çäklerinde hasaplaşyk we beýleki, şol sanda bank edaralarynda walýuta hasaplary bar bolan ýuridik tarap bolup durýar.

**2.3.** Institut raýat hukuklaryna eýe bolýar we maliýe-hojalyk işlerini amala aşyryp, öz adyndan şertnamalary baglaşyp, özüne degişli emläklere hukugy bolan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen çäklerdäki öz borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekip, kazyýete, araçy kazyýete we halkara kazyýet guramalaryna talapçy we jogapçy bolup bilýär.

**2.4.** Institutyň türkmen dilindäki ady bolan tugraly möhüri, möhürçeleri we blanklary bolýar.

**2.5.** Institutyň türkmen dilindäki doly resmi ady: "Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty".

Institutyň iňlis dilindäki doly resmi ady: "Institute of Engineering-Technical and Transport Communications of Turkmenistan".

Institutyň rus dilindäki doly resmi ady: "Институт инженерно-технических и транспортных коммуникаций Туркменистана".

Institutyň türkmen dilindäki gysgaldylan resmi ady: "TIT we UKI".

Institutyň iňlis dilindäki gysgaldylan resmi ady: "IETTCT".

Institutyň rus dilindäki gysgaldylan resmi ady: "ИИТ и ТКТ".

**2.6.** Institutyň hukuk salgysy: Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň Senagat köçesiniň 51-nji jaýy.

## 3. INSTITUTYŇ IŞINIŇ MAKSATLARY, WEZIPELERI WE ÝÖRELGELERI

**3.1.** Institutyň işleriniň esasy maksatlary türkmen jemgyýetiniň we döwletiniň ýokary gymmatlygy bolan adamyň şahsyýetini hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösdürmekden, Türkmenistanyň ýokary taýýarlykly işgärlere we ýokary bilimli hünärmenlere bolan talaplaryny kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

**3.2.** Institutyň alyp barýan işleriniň görnüşleri:

-Ýokary bilim;
-Ýokary hünär bilimi;
-Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi;
-Bilim boýunça kömekçi işler;
-Hünär taýýarlygy;
-Beýleki toparlara goşulmadyk bilim boýunça işler;
-Işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek we olary gaýtadan taýýarlamak;
-Beýleki toparlara goşulmadyk bilim boýunça beýleki işler;
-Tebigy we tehniki ylymlaryň barlaglary we işläp taýýarlamalary, biotehnologiýadan başga;
-Jemgyýetçilik we gumanitar ugurlar boýunça ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar;
-Beýleki toparlara goşulmadyk beýleki hünär, ylmy we tehniki işler;
-Güller toplumyny we olaryň tohumyny ösdürip ýetişdirmek;

-Beýleki toparlara goşulmadyk birýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek;
-Beýleki toparlara goşulmadyk beýleki köpýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek;
-Oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmekdäki beýleki hyzmatlar;
-Ösümlikleriň (oturtmak) önümçiligi;
-Beýleki ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek;
-Köki we baldagy miweli, düzüminde ýokary derejeli krahmal we inulin bolan ekinleri we olaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek;
-Beýleki köki we baldagy miweli gök önüm we bakja ösümliklerini we olaryň tohumlaryny ösdürmek;
-Ýöriteleşdirilen dükanlarda gülleri we beýleki ösümlikleri, tohumlyk däneleri, dökünleri, öý haýwanlaryny (eldekileşdirilen öý haýwanlary) we olara iýmleri bölekleýin satmak;
-Landşafty üýtgetmek;
-Gurluşyk taslamalaryny işläp düzmek;
-Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahat bermek hyzmaty;
-Gurluşygyň gutaryş işleri we bezeg işleri;
-Hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek;
-Lomaý, ýöriteleşdirilmedik söwda;
-Beýleki harytlaryň ýöriteleşdirilmedik dükanlarda bölek söwdasy;
-Fotokopiýalama, resminamalary taýýarlama we gaýry ýörite goşmaça işler;

**3.3.** Ygtyýarnamaly, şahadatnamaly ýerine ýetirilýän işleriň ähli görnüşleri degişli ygtyýarnama, şahadatnama we beýleki rugsat beriji resminamalar alnandan soň amala aşyrylýar.

**3.4.** Institutyň esasy wezipeleri:

-Türkmenistanyň Prezidentiniň bilim ulgamynda alyp barýan döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi iş ýüzünde üpjün etmek;

-raýatlaryň bilim almak baradaky konstitusion hukuklaryny iş ýüzünde amala aşyrmak, olaryn ruhy, ylmy-aň taýdan sazlaşykly ösmekleri üçin ähli zerur bolan başlangyçlary we şertleri döretmek;

-Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärhanalarynyň talaplaryna laýyklykda, hünär boýunça bilimleri çuňňur ele almak bilen, öz ugry boýunça öňde duran wezipeleri ýokary medeniýetlilik we raýatlyk jogapkärçiligi bilen çözmäge ukyby özünde jemläp we olary utgaşdyryp bilýän hünärmenleri taýýarlamak;

-talyplary degişli pudagyň gurluş bölümlerinde okuw, tehnologiki we önümçilik tejribeliklerini geçmek bilen, okuw işleri bilen ylmy barlaglary ýakyndan utgaşdyrmak esasynda okatmak;

-döwlet gullukçylaryny we hünärmenleri, şeýle hem professor-mugallymlar düzümini gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak;

-döwlet bilim we terbiýeçilik edaralary hem-de milli ylym, bilim mekdepleri üçin ylmy işgärleri taýýarlamak;

-fundamental we ylmy-amaly barlaglary, tejribe-konstruktorçylyk we beýleki ylmy işleri giň ylmy çygyrlarda ösdürmek we geçirmek, şol sanda, bilim meseleleri boýunça peýdalanmak we olaryň netijelerini okuw işlerine ornaşdyrmak;

-ýurduň ilatynyň arasynda häzirkizaman ylmyny, bilimini we onuň gazananlaryny ýaýratmak hem-de wagyz etmek, onuň medeni we bilim beriş derejesini ýokarlandyrmak;

-ýurdumyzyň we öňdebaryjy daşary ýurt okuw we ylmy edaralary hem-de guramalary bilen bilelikde hünärmenleriň hünär taýýarlyk tejribesini öwrenmek we peýdalanmak, ylmyň giň çygyrlarynda ylmy barlaglary geçirmegi guramak maksady bilen hyzmatdaşlyk etmek;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda, şeýle hem şu Tertipnamada kesgitlenen beýleki wezipeleri amal etmek.

**3.5.** Institutyň işiniň guramaçylyk ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

-bar bolan islendik hünär boýunça bilim almak mümkinçiligini Türkmenistanyň her bir raýaty üçin elýeterli etmek;

-bilim alýan her bir adam üçin hukuklary we borçlary deň etmek, şahsyýetiň ukyplaryna, hünär ugrukmasyna, şahsy häsiýetine we ýykgyn edýän ugruna laýyklykda hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösmegini üpjün etmek;

-ýokary bilim almakdaky durmuşy we bilim hyzmatlaryny mugt hem-de tölegli ýerine ýetirmek;

-talyplarda milli taryhy, däp-dessurlary hem-de ileri tutulýan umumy adamzat gymmatlyklary bilen özara berk baglanyşykly ýokary medeniýeti hem-de döwlet Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň ýörelgelerine, türkmen halkyna, Watana hem-de Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur wepalylygy terbiýelemek;

-ýokary bilimi dünýewi häsiýetde bermek;

-Institut döwlet bilim edarasy hökmünde, syýasy partiýalardan, beýleki jemgyýetçilik we dini guramalardan özüniň garaşsyzlygyny saklamak;

-ýurdumyzyň we dünýä ylmy hem-de dünýä önümçiligi, daşary ýurtlaryň ylmy-barlag edaralary, ýokary okuw mekdepleri we beýleki bilim, ylym we medeniýet merkezleri bilen bilelikde işlemegini gazanmak;

-bilimleri çuňňur ele almagy we olary jemgyýetçiligiň hem-de döwletiň bähbitlerine peýdalanmagy üçin zerur bolan ähli maddy, işgärler, hünär-psihologiki we ahlak başlangyçlary bilen her bir talyby üpjün etmek;

-talyp ýaşlaryň we professor-mugallymlar düzümüniň durmuş goraglylygyny üpjün etmek, her biriniň saglygyny berkitmek, sazlaşykly we ruhy ösüşi barada alada etmek, işgärler köpçüliginde we bölümlerde sagdyn ahlak gatnaşyklaryny, özara hyzmaty, hyzmatdaşlygy, durnuklylygy, raýat parahatçylygyny, milli bitewiligi we milletara ylalaşygy üpjün etmek.

**3.6.** Esasy wezipeleri we ýörelgeleri durmuşa geçirmegiň maksady Instituty ýurduň milli aň-düşünjeli täze neslini taýýarlamagy üpjün edýän esasy bilim, ylym we medeniýet merkezleriniň, ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň gaýnap joşýan ojaklarynyň biri hökmünde hereket etdirmekdir.

Institut bilim merkezi hökmünde, giň dünýägaraýyşly, öz aňyny türkmen halkynyň we umumy adamzadyň toplan ähli gymmatlyklary we tejribesi bilen baýlaşdyrýan, Garaşsyz Türkmenistanyň dünýä bileleşigindäki deň hukuklylygy şertlerindäki ykdysady, durmuşy we ruhy ösüşiň çylşyrymly wezipelerini çözmäge ukyply, ýokary bilimli, dünýä talaplarynyň derejesindäki sowatly hünärmenleri taýýarlamaga niýetlenendir.

Institut ylmy merkez hököminde, düýpli barlag we amaly derňewleriň, tebigy tehniki we jemgyýetçilik ylymlarynyň täze gazananlarynyň esasynda ösdürilmegini

üpjün edýär, ylmy-barlaglaryň kämil usullaryny özleşdirýär we olaryň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gülläp ösüşiniň bähbitlerine peýdalanylmagyny gazanýar.

Institut medeniýet we terbiýeçilik merkezi hökmünde, her bir adamda syýasy hukuk, ahlak-estetiki medeniýetiň, gowy gylyklaryň, umumy ýaşaýyş kadalaryna, ululara bolan sylagyň, jemgyýete, döwlete, häkimiýete, döwlet nyşanlaryna hormatyň, ýokary ynsanperwer pikirleriň we duýgularyň emele gelmeginde, milli we umumadamzat gymmatlyklaryna, däp-dessurlaryna, watançylyga, halka, Watana, Türkmenistanyň Prezidentine söýgini we wepalylygy terbiýelemekde durmuş hyzmatlaryny etmek üçin ähli zerur şertleri üpjün edýär.

Institut jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm ojagy hökmünde talyplaryň öz-özüni dolandyryş, durmuş işjeňligini ösdürýär, ýaşlaryň başarnyklaryny, ukyplylyk endiklerini giňeldýär we türkmen jemgyýetini özgertmekde işjeň gatnaşmagyny üpjün edýär.

## 4. INSTITUTYŇ YGTYÝARLYKLARY WE JOGAPKÄRÇILIGI

**4.1.** Institut öz öňünde goýlan esasy wezipeleri durmuşa geçirmek üçin bilim beriş işlerini, işgärleri seçip almagy we işe bellemegi, ylmy, maliýe, hojalyk we beýleki işleri, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda özbaşdak amala aşyrýar.

**4.2**. Institutyň ygtyýarlyklaryna şular degişlidir:

-Institutyň Tertipnamasyny işläp düzmek we kabul etmek, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça teklipleri Esaslandyryja hödürlemek;

-Institutyň işini kadalaşdyrýan içki tertip kadalaryny we beýleki ýerli resminamalary işläp düzmek we kabul etmek;

-Institutyň gurluşyny düzmek, institutyň içerki dolandyryş gurluşyny we çyzgydyny bellemek, işgärleriň sanawyny işläp düzmek, işgärleriň arasynda wezipe borçlaryny paýlap bermek;

-okatmak üçin daşary ýurtlardan mugallymlary we hünärmenleri çagyrmak, daşary ýurt raýatlaryna tölegli bilim bermek;

-mugallymçylyk, edara ediş-dolandyryş, okuw-kömekçi we inžener-tehniki işgärleri seçip almak we işe kabul etmek, olaryň hünärini ýokarlandyrmagy we kadaly zähmet şertleri bilen üpjün etmek;

-Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan aýlyk iş haklaryna we wezipe töleglerine laýyklykda, zähmet haklary gaznasynyň çäklerinde, işgärlere zähmet haklaryny tölemegiň we olary sylaglamagyň görnüşini we ulgamyny kesgitlemek, wezipe iş haklaryny tölemegiň we goşmaça tölemegiň, sylaglaryň we beýleki maddy taýdan goldamak çäreleriniň ölçeglerini bellemek;

-bellenen ölçeglere we talaplara laýyklykda, okuw işlerini maddy-tehniki taýdan üpjün etmek we enjamlaşdyrmak, jaýlary abzallaşdyrmak;

-Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň raýatlaryndan, şeýle-de halkara guramalaryndan we gaznalaryndan zerur bolan enjamlary, tehniki serişdeleri, okuw we ylmy edebiýatlary hem-de beýleki maddy gorlary öz hususy gaznasynyň ýa-da beýleki serişdeleriň (grantlaryň, haýyr-sahawatyň we ş.m.) hasabyna edinmek, kärendesine almak;

-bellenilen tertipde ulanylyş taýdan köneleşen we fiziki taýdan hatardan

çykyşýan enjamlary (gymmatlyk bahalylaryny hem goşmak bilen), abzallary we enjamlary (şol sanda Institutyň özi tarapyndan taýýarlanylanlary hem), häzirki zaman okuw talaplaryny ödemeýän serişdeleri we kitaplary bellenen tertipde balansdan-balansa geçirmek we satmak;

-ýaramsyz bolan ýa-da könelişen esasy serişdeleri bellenen tertipde Institutyň balansyndan aýyrmak;

-ulanylmaýan enjamlary, inwentarlary, materiallary we beýleki gorlary satmakdan, kärendesine bermekden gelýän serişdeleri öz garamagynda galdyrmak, olaryň maddy-tehniki mümkinçiliklerini, durmuş esaslaryny giňeltmek we ösdürmek üçin peýdalanmak;

-Türkmenistanyň, daşary ýurtlaryň raýatlarynyň, edaralarynyň, şeýle-de jemgyýetçilik we halkara guramalarynyň, dürli gaznalaryň serişdelerini peýdalanmak bilen, Institutyň professor-mugallymlary, işgärleri we talyplary üçin durmuş-ykdysady we ýaşaýyş binýadyny ösdürmek, talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýynda bolmaklary we durmuş şertleri üçin degişli ýagdaýy döretmek, Institutyň sagaldyş-sport, bejeriş-öňüni alyş we medeni bölümleriniň ulgamyny giňeltmek;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, işgärleri taýýarlamagyň derejesini we hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen okuw, ylmy-önümçilik hem-de beýleki düzüm bölümlerini guramak, talyplara goşmaça bilim hyzmatlaryny hödürlemek we Institutyň professor-mugallymlar düzümini hem-de ylmy mümkünçiliklerini netijeli peýdalanmak;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň raýatlaryna tölegli bilim beriş, neşir işlerini we beýleki hyzmatlary etmek üçin gurluş bölümlerini döretmek;

-tölegli hyzmatlaryň dürli görnüşlerini etmäge çenligi tassyklamak;

-bellenen tertibe we şu Tertipnama laýyklykda talyplar düzümini düzmek;

-okuw işlerini guramak we amala aşyrmak, ýetişigiň yzygiderli barlagyny, ýarymýyllygyň içindäki gözegçiligi we aralyk jemlemelerini amala aşyrmak;

-okuw meýilnamalaryny we okuw ýyllyklaryndaky okadylýan dersleriň okuw maksatnamalaryny, bilim beriş işlerini üpjün etmek üçin beýleki okuw-usuly resminamalary işläp düzmek;

-okuw kitaplaryny, okuw gollanmalaryny, monografiýalary, ylmy işleriň ýygyndylaryny we beýleki okuw-usuly edebiýatlary hem-de resminamalary neşire taýýarlamak we neşir etmek;

-ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ylym we (ýa-da) beýleki ugurlarynda işleýän öňdebaryjy hünärmenleriniň gatnaşmagynda okuw-usuly hem-de beýleki ylmy-amaly çäreleri guramak we geçirmek;

-Tertipnamanyň esasynda işleri amala aşyrmak üçin goşmaça maliýe we maddy serişdeleri çekmek, Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu Tertipnamada kesgitlenen çärelerde girdeji getirýän maliýe-hojalyk işlerini amala aşyrmak;

-Institutda hereket edýän, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik jemgyýetçilik guramalarynyň işlerini sazlaşdyrmak;

-şu Tertipnama ters gelmeýän we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmak.

**4.3.** Institut öz ygtyýarlygynyň çäginde:

-okatmagyň we terbiýe bermegiň öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny, döwrebap usulyýetini, täze tehnologiýalary gözläp tapýar, öwrenýär, işläp düzýär,

ornaşdyrýar;

-talyplar, mugallymlar, hünärmenler bilen özara tejribe alyşmagy amala aşyrýar, olary ýurdumyzyň, şol sanda daşary ýurtlaryň bilim, ylmy we beýleki edaralaryna tejribä, hünär derejesini ýokarlanyrmaga we iş saparlaryna ugradýar;

-türkmen we daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen bilelikdäki işler barada şertnamalary, ylalaşyklary baglaşýar we olar bilen göni iki taraplaýyn hem-de köp taraplaýyn gatnaşyklary amala aşyrýar;

-baglaşylan şertnamalaryň esasynda raýatlara, Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, tölegli bilim hyzmatlaryny amala aşyrýar;

-Institutyň öňünde duran we tertipnamalaýyn maksatlaryny gazanmagyny esaslandyrýan wezipeleriň netijeli çözülmegi üçin zerur bolan beýleki işleri amala aşyrýar.

**4.4.** Institut, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, şu ýagdaýlar üçin jogapkärçilik çekýär:

-şu Tertipnamada öz ygtyýarlygyna degişli edilen wezipeleri ýerine ýetirmändigi üçin;

-bilim beriş maksatnamalaryny, şeýle hem okuwyň hilini doly möçberde ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmändigi üçin;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

## 5. OKUW IŞLERINIŇ MAZMUNY WE GURALYŞY

**5.1.** Institutda hünärmenleri taýýarlamak gündizki (önümçilikden aýrylmak şerti bilen), gündizki-gaýybana (okuwyň iş wagtyndan başga wagtlarda okalmagy bilen önümçilikden aýrylmazlyk şertinde) we gaýybana (önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen) ýaly görnüşleri ulanylyp bilner.

Okatmagyň gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşleri boýunça taýýarlygyň ugurlary we hünärleriň sanawlary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Institutda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň iki basgançakly, şonuň ýaly-da bir basgançakly gurluş düzümi bolup biler. Taýýarlygyň ugurlary boýunça okatmak amala aşyrylýan iki basgançakly gurluş düzimi bolan ýokary hünär biliminiň birinji basgançagy (bakalawr derejesi) boýunça okuw okatmagyň gündizki, gündizki-gaýybana, gaýybana görnüşleri boýunça geçirilip bilner.

Taýýarlygyň ugurlary boýunça okatmagy amala aşyrylýan iki basgançakly gurluş düzümi bolan ýokary hünär biliminiň ikinji basgançagy (magistr derejesi) hünär we/ýa-da dolandyryş wezipeleriniň birnäçesini özbaşdak çözmäge we ylmy-barlag işlerini alyp barmaga taýýarlygyny üpjün edýän ýokary hünär bilim hökmünde kesgitlenilip bilner. Institutda ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (magistr derejesi) boýunça okatmak okuwyň gündizki görnüşi boýunça geçirilýär.

**5.2.** Institutyň ýuridik we (ýa-da) fiziki şahslar bilen şertnamalar baglaşmak arkaly okuwyň bahasyny töletmek şerti bilen, şu aşakdaky ýagdaýlarda:

- Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän degişli hünär biliminiň maksatnamalary boýunça talyplary kabul etmegiň meýilnama görkezijilerinden daşary;

-okatmagyň gündizki (önümçilikden aýrylmak şerti bilen), gündizki-gaýybana (okuwyň iş wagtyndan başga wagtlarda okalmagy bilen, önümçilikden aýrylmazlyk

şertinde) we gaýybana (önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen) ýaly görnüşinde okuwa girende;

-hünär biliminiň degişli basgançagy boýunça ikinji bilimi almak üçin okuwa girilende okatmaga hukugy bardyr.

**5.3.** Institut hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, raýatlaryň bilim almak üçin kabul edilmegini we olaryň hukuklarynyň berjaý edilmegini kepillendirýär.

Institutda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar.

Okuwa girýänleriň ählisi, gelip çykyşyna, durmuş we emläk ýagdaýyna, milletine, garaýyşlaryna, partiýalylygyna, dinine we dine gatnaşygyna garamazdan, deň hukuklardan peýdalanýarlar.

Instituta okuwa kabul etmek dalaşgärleriň arzasy boýunça giriş synaglarynyň netijelerine görä, bäsleşik esasynda amala aşyrylýar. Bäsleşigiň şertleri raýatlaryň bilim almaga bolan hukugyny kepillendirýär we zehinli, ukyply hem-de taýýarlykly raýatlary kabul etmegi üpjün edýär.

Institut okuwa girýänleri hökmany tertipde şu Tertipnama, şeýle hem Institutyň bilim beriş işlerini amala aşyrmagyny kadalaşdyrýan we kabul ediş toparynyň işi baradaky beýleki resminamalary bilen arza berende tanyşdyrýar.

Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda instituta okuwa kabul edilýärler.

**5.4.** Institutda okuwyň mazmuny we dowamlylygy ýokary okuw mekdebiniň degişli döwlet bilim standartlarynyň esasynda işlenip düzülýän okuw maksatnamasy we okuw meýilnamasy bilen kesgitlenilýär. Okuw meýilnamalary Türkmenistanyň Bilim ministrligi, degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşylýar we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

**5.5.** Institut Türkmenistanyň ýokary hünär biliminiň taýýarlygynyň ugurlarynyň we hünärleriniň döwlet klassifikatorynyň şu aşakdaky taýýarlyk ugurlary boýunça hünärmenleri taýýarlamagy amala aşyrýar:

**2.07.00.00** - Binagärlik;
**2.08.00.00** - Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary;
**2.09.00.00** - Informatika we hasaplaýyş tehnikasy;
**2.13.00.00** - Elektro we ýylylyk energetikasy;
**2.15.00.00** - Maşyngurluşyk;
**2.19.00.00** - Tehnosfera howpsuzlygy we tebigy abadanlaşdyryş;
**2.22.00.00** - Ýerüsti ulagyň tehnikasy we tehnologiýalary;
**2.24.00.00** - Aeronawigasiýa we awiasion hem-de raketa-kosmiki tehnikalaryny ulanmak;
**2.25.00.00** - Gämi gurluşygynyň we suw ulagynyň tehnikasy we tehnologiýalary.
**5.37.00.00** - Ykdysadyýet we dolandyryş;

Täze hünärler boýunça okatmak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde amala aşyrylýar.

**5.6.** Institutda türkmen dili döwlet dili hökmünde okatmagyň esasy dilidir. Hünäri boýunça daşary ýurt dillerini öwrenmek hökmany ders hökmünde okuw meýilnamalaryna girizilýär.

**5.7.** Institutda okuw işleriniň guralyşy ýokary hilli hünärmenleri taýýarlamagy üpjün etmek, şeýle hem okuwyň zähmetiň we durmuşyň howpsuz hem-de sagdyn şertlerini döretmek maksatlaryndan gelip çykýar.

Institut:

-talyplary okuw serişdeleri (okuw we beýleki edebiýatlar, kompýuter tehnikasy, audiowizual hem-de tehniki serişdeler we beýlekiler) bilen üpjün edýär;

-Institutyň meýdanynda ýerleşýän ýa-da balansynda durýan sanitar-bejeriş edarasyna sanitariýa-profilaktoriýa, naharhana we beýleki ýaşaýyş-durmuş ugurly guramalaryna jaýlary kärendesine berýär, bu jaýlaryň ýyladyş, ýagtylyk we ýyly suw üpjünçilik zerurlyklaryny üpjün edýär.

**5.8.** Institutdaky okuw, barlag sapaklarynyň we ýerine ýetirilýän işleriň görnüşleri:

-umumy, amaly, tejribe, söhbet okuw sapaklary;

-okuw, önümçilik we tehnologiki tejribelikleri;

-diplom taslamasy (işi);

-ýyllylyk taslamasy (ýyllyk işi);

-barlag işi, barlag tabşyrygy, sorag-jogap;

-talyplaryň maksatnamalaýyn materialy öwrenmekdäki (ony belläp almakdaky, tezisleri hem-de hasabatlary düzmekdäki we ş.m.) özbaşdak işleri;

-talyplar bilen aýratynlykda işlemek;

-kollokwiumlar;

-aralyk jemlemeler;

-maslahat okuwlary, talyplaryň özbaşdak işlerine gözegçilik;

-hasap tabşyrylmadyk okuw materialynyň we talyplar tarapyndan goýberilen sapaklaryň öwezini doldurmak.

**5.9.** Talyplary okuw işi bilen baglanyşykly bolmadyk işler üçin sapaklardan almaga Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri bilen kesgitlenilýän ýagdaýlardan başga halatlarda rugsat edilmeýär.

**5.10.** Talyplar Institutdaky okuw döwründe okuw, tehnologiki we önümçilik tejribeliklerini olar baradaky düzgünlere laýyklykda geçýärler. Tejribelik geçmek üçin ýer hökmünde, bellenen tertipde, döwlet edaralary, öňdebaryjy kärhanalar, edaralar, guramalar, kafedralaryň önümçilikdäki şahamçalary, bilim edaralary, Institutyň okuw-önümçilik ussahanalary hem-de tejribehanalary berkidilýär.

**5.11.** Institutda okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar. Okuw ýyly iki ýarymýyllykdan ybarat bolup, olaryň hersi hünär taýýarlygynyň anyk ugrunyň okuw meýilnamasyna laýyklykda hasap-synag möwsümi bilen tamamlanýar. Okuwlar ýarymýyllyk üçin düzülen okuw sapaklarynyň tertibi boýunça geçirilýär.

Okuw ýylynda talyplara iki gezek, jemi 40 günden az bolmadyk dowamlylykda dynç alyş berilýär. Dynç alyşyň takyk möhleti we dowamlylygy hünär taýýarlygynyň degişli ugrunyň aýratynlygyna baglylykda okuw meýilnamasynda kesgitlenilýär.

**5.12.** Her bir okuw sagadynyň dowamlylygy 40 minut möçberinde bolan jübüt sagat bellenilýär, talybyň hepdäniň dowamyndaky hökmany auditoriýa okuwy taýýarlyk ugrunyň, hünäriniň degişli okuw meýilnamasynda kesgitlenilýär. Okuw sapaklaryň we arakesmeleriň takyk dowamlylygy, okuwyň aýratynlygyny we okuw

mekdebiniň (okuw otaglarynyň) ýerleşişini hasaba almak bilen Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

**5.13.** Okuw topary adatça, 15-25 talypdan ybarat bolýar. Ol amaly we tejribe okuw sapaklarynyň degişli görnüşleri geçirilende 8-13 talypdan ybarat iki toparça bölünip bilner. Şol bir wagtyň özünde okuw toparynyň talyp sany hünär boýunça okuwa kabul etmegiň bellenen meýilnamasyna baglylykda üýtgäp biler.

**5.14.** Talyplaryň bilimi, başarnygy we endikleri döwlet resminamalarynda şu hili bahalar bilen kesgitlenilýär: 5(bäş), 4(dört), 3(üç), 2(iki). Baha synagda ýa-da talyplaryň okuw işlerine yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça goýulýar. Dersler boýunça talyplaryň bilim derejesini kesgitlemegiň hasap görnüşi üçin hil bahasy: “hasap”, “hasap däl” bellenilýär. Ol talybyň okuw işiniň yzygiderli gözegçiliginiň ýa-da jemleýji gürrüňdeşligiň netijeleri boýunça goýulýar.

Käbir dersler boýunça okuw meýilnamalarynda göz öňünde tutulan bahaly hasap 5(bäş), 4(dört), 3(üç), 2(iki) bahalar bilen kesgitlenilýär.

Synaglary geçirmegiň möhleti hünär taýýarlygynyň anyk ugrunyň okuw meýilnamasyna laýyklykda kafedralar we fakultetiň dekany tarapyndan kesgitlenilýär we rektor tarapyndan tassyklanylýar. Aýry-aýry dersler boýunça synaglar, zerur bolan halatlarda, kafedralaryň teklibi boýunça, nazary okuwlaryň tamamlanan badyna geçirilip bilner.

Synagyň ýa-da yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça alnan bahadan nägile bolan talyplara, onuň tabşyrlan güni, olaryň arzasy boýunça Institutyň rektory synagy gaýtadan tabşyrmaga hukuk berip biler.

**5.15.** Ýetişigi oňat bolan talyplary ýyldan-ýyla geçirmek Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan geçiş synaglary we hasaplary baradaky düzgünnama laýyklykda, dekanlyklaryň (kafedralaryň) hödürlemegi boýunça Institutyň rektorynyň buýrugy bilen amala aşyrylýar.

Gyşky hasap-synag möwsümüniň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara okuw bergilerini tabşyrmak üçin möwsümiň tamamlanan gününden başlap, bir aýdan köp bolmadyk möhletde mümkinçilik berilýär. Şondan soň olar okuwdan çykarylmaga degişli edilýär.

Tomusky hasap-synag möwsümüniň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara okuw bergilerini tabşyrmaga dowamlylygy bir aýdan köp bolmadyk möhletde, ýöne indiki okuw ýylynyň başlanmagyna bir hepdeden giç bolmadyk wagtda mümkinçilik berilýär. Şondan soň olar okuw bergilerini tabşyrmasa, okuwdan çykarylmaga degişli edilýär. Ýyldan ýyla şertli geçirmäge rugsat edilmeýär.

**5.16.** Talyplary düzgün-nyzam jogapkärçilige çekmek, şol sanda okuwdan çykarmak, şeýle hem okuwa dikeltmek, geçirmek we akademiki rugsat bermek hereket edýän kanunçylykda bellenen tertibe laýyklykda geçirilýär.

**5.17.** Okuw meýilnamasynyň talaplaryny üstünlikli ýerine ýetiren talyp jemleýji döwlet synagyna goýberilýär, onuň netijesi boýunça uçuryma degişli hünäri we ýokary bilim baradaky diplomy bermek barada karar kabul edilýär. Diplomyň goşundysynda talybyň okuw döwrüniň dowamynda öwrenen ähli dersleri boýunça alan bahalary görkezilýär.

**5.18.** Institut fakultatiw esasda goşmaça okuw maksatnamasyny işläp düzmäge, ýaýratmaga we degişli okuw meýilnamalarynyň çäklerinden daşary Institut tarapyndan bellenen nyrhlar boýunça tölegli esasda goşmaça bilim beriş hyzmatlaryny etmäge hukugy bardyr.

**5.19.** Institutyň terbiýeçilik wezipeleri talyplaryň we mugallymlaryň bilelikdäki okuw, ylmy, döredijilik, önümçilik we jemgyýetçilik işlerinde amala aşyrylýar. Talyplary gyzyklandyrýan ugurlar boýunça gurnaklaryň, klublaryň, talyplaryň hem-de Institutyň işgärleriniň beýleki höwesjeňlik birleşmeleriniň işleri öz-özüňi dolandyryş esasda guralýar.

## 6. YLMY-BARLAG WE DÖREDIJILIK IŞLERINIŇ GURALYŞY

**6.1.** Ylmy-mugallymçylyk işgärleriň, okaýanlaryň ylmy barlaglarynyň we döredijilik işiniň kömegi bilen ylmy ösdürmek, ýokary hünär derejeli ylmy-mugallymçylyk işgärleri taýýarlamak Institutyň esasy wezipesine girýär. Ylmy-mugallymçylyk we ylmy işgärleri taýýarlamak Institutda ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilim taýýarlygyny amala aşyrmaga ýörite ygtyýarnamasy bolan ýokary okuw mekdeplerinde ýa-da ylmy edaralarda döredilýän aspiranturalarda we doktoranturalarda amala aşyrylýar.

Aspirantlaryň, doktorantlaryň we alymlyk derejesine dalaşgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygynda, Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamak hakyndaky düzgünnamada, şeýle hem aspiranturany hem-de doktoranturany açmagyň we olaryň işiniň tertibine laýyklykda kesgitlenilýär.

**6.2.** Institutyň ylmy mümkinçiliklerine laýyklykda, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlanylýan ugurlar boýunça Institutda we fakultetde ylmy-tehniki merkezleri bellenen tertipde döretmäge hukugy bardyr.

**6.3.** Institut özüniň Alymlar geňeşi tarapyndan tassyklanylýan meýilnama boýunça ylmy-barlag işleri geçirilýär, ýerine ýetirilýän işleriň wajyplygyny we hilini barlaýar, zähmetiň howpsuz we sagdyn şertlerini üpjün edýär.

**6.4.** Institutyň ylmy işleriniň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- ýokary mekdebiň ylmy mümkinçiliklerini Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysadyýetini we bilimini ösdürmegiň ylmy we ylmy-tehniki meselelerini çözmekde netijeli peýdalanmak;
- kafedralarda we ylmy merkezlerde düýpli we gözleg işleriniň ähmiýetini ösdürmek, täze enjamlary, tehnologiýalary we serişdeleri döretmek hem-de ornaşdyrmak;
- hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, okuw işlerindäki ylmy gözlegleriň işjeň peýdalanylmagyna, olaryň ýerine ýetirilmegine talyplary giňişleýin çekmek, okuw mekdebinde ylmy we ylmy-önümçilik merkezlerini we ýokary hünärli ylmy işgärler toparyny döretmek;
- ýokary okuw mekdebinde ýokary hünärli işgärleriň taýýarlanmagyny üpjün etmek, ylmy-tehniki öňegidişliginiň täze gazananlarynyň esasynda ykdysadyýetiň pudaklary üçin hünärmenleri gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärlerini ýokarlandyrmak;
- iri möçberli ylmy-tehniki meseleleri bilelikde çözmek we ýokary okuw mekdepleriniň taýýarlan ylmy täzeliklerini önümçilikde peýdalanylyşyny giňeltmek maksady bilen, ykdysadyýetiň pudaklary bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini ösdürmek;
- ýurdymyzda bilimi mundan beýläk ösdürmegiň möhüm ylmy meselelerini çözmek, ýokary hilli okuw kitaplaryny we okuw-usuly gollanmalaryny taýýarlamak, çap etmek we ylmy bilimleri ýaýratmak;

-daşary ýurtlaryň okuw edaralary we kärhanalary bilen halkara ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy giňeltmek;

-professor-mugallymlar düzümüniň we talyplaryň ylmy-tejribe, ylmy-amaly maslahatlaryny, söhbetdeşliklerini geçirmek.

**6.5.** Ylmy işler şularyň hasabyna maliýeleşdirilýär:

-ylmyň, tehnikanyň, bilimiň we medeniýetiň wajyp ileri tutulýan ugurlary boýunça düýpli we gözleg işlerini ýerine ýetirmäge goýberilýän döwlet býujetiniň serişdeleriniň;

-Ministrlikleriň, edaralaryň, birleşmeleriň we beýleki guramalaryň, şol sanda, şertnamalaýyn esasda daşary ýurt maýa goýumlarynyň;

-býujetden daşary gaznalaryň serişdeleriniň;

-Türkmenistanyň döwlet edaralary, halkara guramalary we gaznalary tarapyndan bölünip berilýän grantlaryň we talyp haklarynyň;

-hojalyk hasaplaşygy we beýleki şertnamalaýyn işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmegiň;

-neşir işleriniň;

-Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriň ýuridik taraplarynyň hem-de raýatlarynyň, edaralarynyň haýyr-sahawat işlerinden gelen serişdeleriň;

-Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň.

**6.6.** Ylmy-barlag işleriň guramaçylygy Türkmenistanda ylmy işleri we ylmy işgärleriň meselelerini kadalaşdyrýan kanunçylygy, şeýle hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň beýleki resminamalary we şu Tertipnama bilen kesgitlenilýär.

## 7. INSTITUTYŇ DOLANDYRYLYŞY WE DÜZÜMI

**7.1.** Institutyň gurluşyna ylmyň pudaklary boýunça kafedralar we hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary boýunça fakultetler girýär.

Institut şahamçalary, wekillikleri, ylmy-barlag önümçiliklerini, ylym bölümüni, okuw bölümüni, halkara hyzmatdaşlyk bölümüni, okuw-konstruktor býurolaryny, aspiranturany, doktoranturany, goşmaça hünär düzümüniň düzüm böleklerini, okuwdan daşary we terbiýeçilik işlerini alyp barýan bölümleri, hasaplaýyş bölümleri, muzeýleri, kitaphanalary, redaksiýa-neşirýat gullugyny, çaphanany, taýýarlaýyş bölümlerini we okuw merkezlerini, önümçilik we durmuş taýdan üpjün ediş ulgamlarynyň desgalaryny, umumy ýaşaýyş jaýlaryny we beýleki düzüm böleklerini öz içine alyp biler.

Düzümdäki bölümleriň hukuk ýagdaýy we wezipeleri şu Tertipnama hem-de olar baradaky Institutyň rektory tarapyndan tassyklanylan düzgünnamalar bilen kesgitlenilýär.

**7.2.** Institutyň ýerleşýän ýerinden daşarda olaryň aýrybaşga bölümleri, şahamçalary ýa-da wekillikleri hereket edip biler.

**7.3.** Şahamçalar ýa-da wekillikler ýuridik şahs hasaplanylýar. Şahamça Institutyň wezipeleriniň belli bir bölegini özbaşdak amala aşyrýar. Şahamçanyň işini dolandyrmak şu Tertipnama we şahamçanyň düzgünnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar. Institutyň şahamçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýär we ýapylýar.

**7.4.** Instituty dolandyrmak onuň işindäki wajyp meseleleriň çözgüdine mugallymlary, işgärleri, talyplary gatnaşdyrmak ýörelgeleriniň esasynda guralýar.

**7.5.** Instituty dolandyrmak gönüden-göni rektor tarapyndan amala aşyrylýar.

Institutyň rektory Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

Institutyň köpçülikleýin dolandyrylyşy saýlawly wekilçilikli gurama- Alymlar geňeşi tarapyndan amala aşyrylýar. Alymlar geňeşi Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ylalaşygy esasynda Institutyň rektory tarapyndan tassyklanan düzgünnama laýyklykda hereket edýär. Alymlar geňeşiniň agzalary 5 (bäş) ýyla çenli ygtyýarlylyk möhleti bilen saýlanýar we ýokary okuw mekdebiniň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanýar.

Alymlar geňeşiniň agzasy işden çykan ýagdaýynda ol geňeşiň düzüminden çykarylýar (zerurlyk bolan halatynda ylmy derejeleri we ylmy atlary bolan agzalar geňeşiň düzüminde galdyrylyp bilner).

**7.6.** Rektor hünärmenleriň taýýarlygynyň hili, ýaş nesli döwletlilik, Garaşsyzlyk we Bitaraplyk taglymatyna, Watana, Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur hormat we wepalylyk ruhunda terbiýelenişiniň netijesi üçin doly we şahsy jogapkärçilik çekýär.

Rektor Türkmenistanda hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, Institutyň adyndan hereket edýär, ähli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda onuň adyndan wekilçilik edýär, okuw mekdebiniň emlägine ygtyýarlyk edýär, işgärleri işe alanda şertnamalary, hojalyk we beýleki şertnamalary baglaşýar, ynanç hatlaryny berýär, bankda hasaplary açýar, maliýe serişdelerine ygtyýar ediji bolup durýar.

Rektor Institutyň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

-ähli işgärler we talyplar üçin hökmany bolan buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär;

-prorektorlaryň arasyndaky takyk borçlary we jogapkärçilikleri kesgitleýär we paýlaýar;

-professor-mugallymlar düzümini we beýleki işgärleri wezipelere bellemegiň tertibiniň berjaý edilmegini üpjün edýär;

-işgärleri işe kabul etmegi we işden boşatmagy amala aşyrýar;

-Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşyk esasynda, fakultetleriň dekanlaryny, kafedralaryň müdirlerini, Institutyň düzümine girýän ylmy-barlag, tejribe-synag we beýleki bölümleriň ýolbaşçylaryny bellenen tertipde tassyklaýar, olaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär;

-hereket edýän düzgünlere laýyklykda işgärleri, guramaçylyk bölümleriniň ýolbaşçylaryny sylaglaýar.

**7.7.** Institutda okuw işleri boýunça prorektor we ylmy işler boýunça prorektor wezipeleri döredilýär.

Institutyň prorektorlary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýärler we wezipeden boşadylýarlar.

Prorektorlar wezipe borçlaryna laýyklykda kesgitlenen işleriň görnüşlerine gönüden- göni ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar.

**7.8.** Institutyň esasy meselelerine seretmek üçin rektoryň ýanynda maslahat geçirilýän gurama bolup durýan rektoryň ýanyndaky Geňeş döredilýär. Geňeşiň düzümi we ygtyýarlyklary onuň düzgünnamasy bilen kesgitlenilýär. Geňeşe rektor prorektorlar, dekanlar we okuw bölüminiň başlygy girýärler.

**7.9.** Fakultet öz düzüminde kafedralary, tejribe-barlag merkezleri, fakultetiň, garamagynda bolan beýleki okuw, ylmy we ýardam beriji bölümleri jemleýär we şu Tertipnamanyň hem-de Institutyň rektory tarapyndan tassyklanan fakultet baradaky düzgünnama esasynda hereket edýär.

Fakultetiň işine ýolbaşçylygy dekan amala aşyrýar. Ol ýokary okuw mekdebiniň ussat, abraýly işgärlerinden, adatça degişli ugurdan alymlyk derejesi ýa-da alymlyk ady bolan professor-mugallymlar düzüminden saýlanýar we ýokary okuw mekdebiniň rektory tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

Dekan öz ygtyýarlyklarynyň çäginde fakultetiň ähli işgärleri we talyplary üçin hökmany bolan görkezmeleri berýär. Dekan fakultetiň ähli işlerine ýolbaşçylyk edýär we fakultetiň işiniň netijeleri üçin doly we şahsy jogapkärçiligi çekýär.

Fakultetiň işini dolandyrmak maslahat guramasy fakultetiň Geňeşidir, onuň başlygy dekandyr. Fakultetiň geňeşiniň ygtyýarlyklary, düzülmek tertibi we iş ýörelgeleri fakultet baradaky düzgünnamada kesgitlenilýär.

**7.10.** Kafedra fakultetiň esasy düzüm bölümi bolup durýar. Institutda okuw mekdebi boýunça umumy kafedralar hem döredilip bilner.

Kafedranyň işine ýolbaşçylygy kafedranyň müdiri amala aşyrýar. Ol Institutyň ussat, abraýly işgärlerinden, adatça şol ugurdan alymlyk derejesi ýa-da alymlyk ady bolan professor-mugallymlar düzüminden saýlanýar we institutyň rektory tarapyndan bellenen tertipde tassyklanylýar.

Kafedralaryň esasy wezipeleri okuw dersleri boýunça ýokary derejedäki okuw we okuw-usuly işleri, talyplar bilen terbiýeçilik işleri, kafedranyň ugry boýunça ylmy işleri, ylmy-mugallymçylyk işgärleri taýýarlamagy we olaryň hünärlerini ýokarlandyrmagy guramak hem-de amala aşyrmakdyr.

Kafedra öz ygtyýarlyklarynyň çäginde şu Tertipnama we kafedra baradaky institutyň rektory tarapyndan tassyklanylýan düzgünnama esasynda hereket edýär.

Kafedra müdiri kafedranyň işine ýolbaşçylyk edýär, kafedranyň işiniň netijeliligi üçin şahsy we doly jogapkärçilik çekýär. Kafedra müdiri rektorlyga professor-mugallymlary, okuw-kömekçi işgärleri we beýleki işgärleri kafedra işe kabul etmek barada hödürnama berýär.

**7.11.** Professor-mugallymlar düzümini, talyplary, okuw-kömekçi we beýleki işgärleri özünde jemleýän jemgyýetçilik we beýleki guramalar öz işlerini Institutyň Tertipnamasynda, merkezi jemgyýetçilik guramalaryň we birleşikleriň Tertipnamasynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyklykda alyp barýarlar we öz düzgünnamalarynyň esasynda işleýärler.

Institutda (professor-mugallymlar we talyplar) kärdeşler arkalaşygy, partiýa, weteranlar, ýaşlar we zenanlar guramalary, terbiýeçilik geňeşi, talyplaryň düzgün-tertip gullugy, talyplar sport kluby, umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky talyplaryň öz-özüňi dolandyryş geňeşi, talyplaryň gyzyklanylýan ugurlar boýunça birleşdirilýän jemgyýetçilik guramalary we birleşmeleri hereket edýärler.

**7.12.** Institut iş dolandyryşyny amala aşyrýar, okuw, ylmy-barlag we terbiýeçilik işini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Bilim ministrligi, beýleki döwlet edaralary tarapyndan tassyklanan resminamalarda kesgitlenen sanawlara laýyklykda beýleki resminamalary ýöredýär.

Institut Türkmenistanyň döwlet maglumatlar edaralarynyň talaplaryna laýyklykda hasabat berýär.

## 8. INSTITUTYŇ IŞGÄRLERINIŇ YGTYÝARLYKLARY, BORÇLARY WE JOGAPKÄRÇILIKLERI

**8.1.** Institutyň işgärleri: professor-mugallymlar düzümini, ylmy işgärleri, ylmy-mugallymçylyk işgärleri, edara ediş-dolandyryş, inžener-tehniki, önümçilik, kömekçi we beýleki işgärleri, şeýle hem talyplary, aspirantlary özünde jemleýär. Institutda bar bolan ähli derejedäki işgärleriň we talyplaryň hukuklary hem-de borçlary Türkmenistanyň kanunçylygy we şu Tertipnama, içerki düzgün-tertip kadalary we institutyň beýleki içerki resminamalary bilen kesgitlenilýär.

**8.2.** Institutyň işgärleri şu hukuklardan peýdalanýarlar:

-alan bilimlerine laýyklykda saýlap alan hünärleri we kärleri boýunça işlemäge;

-işlän döwründe durmuş we hukuk taýdan goraglylyga;

-Institutyň okuw, ylym, durmuş-ýaşaýyş, bejeriş we beýleki guramaçylyk bölümleriniň hyzmatlaryndan, habarlar hazynasyndan, kitaphana hyzmatyndan we arhiwlerinden peýdalanmaga;

-Institutyň Alymlar geňeşine, fakultetiň geňeşine saýlamaga we saýlanmaga;

-Institutyň Alymlar geňeşiniň, fakultetiň geňeşiniň mejlislerinde, önümçilik maslahatlarynda çykyş etmäge, okuw-usuly, ylmy-barlag işlerini we terbiýeçilik işini kämilleşdirmek meseleleri boýunça teklipleri bermäge;

-Kärdeşler arkalaşygy we beýleki jemgyýetçilik guramalaryna birleşmäge.

**8.3.** Institutyň işgärleriniň borçlary:

-Institutyň abraýyny ýokarlandyrmak barada alada etmek;

-okuw işleriniň we geçirilýän ylmy-barlaglaryň ýokary netijeliligini üpjün etmek;

-öz hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyryp durmak;

-geçirilýän medeni, terbiýeçilik, sport çärelerine we ýowarlara işjeň gatnaşmak;

-şu Tertipnamanyň düzgünlerini, içerki düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmek;

-Institutyň kitap goruna we beýleki emläklerine aýawly çemeleşmek.

a) Institutyň mugallymlary:

**8.4.** Professor-mugallymlar düzümine fakultetiň dekany, kafedra müdiri, professor, dosent, uly mugallym, mugallym we öwreniji-mugallym degişlidir.

**8.5.** Institut tassyklanan işgärler sanawyna laýyklykda işgärler düzümini düzýär.

**8.6.** Institutyň işgärlerine zähmet haklary we wezipe haklary wezipe gözükdirijisinde göz öňünde tutulan wezipe borçlarynyň we işleriniň ýerine ýetirilendigi üçin tölenilýär. Işgärleriň başga işleri we borçlary ýerine ýetirendikleri üçin goşmaça ylalaşyk boýunça hak tölenilýär.

**8.7.** Professor-mugallymlar düzüminiň we ylmy işgärleriň hukuklary:

-öz hünäri boýunça işlerini guramaçylyk we maddy-tehniki taýdan üpjün etmek;

-okuw ýyllyklarynyň mazmunyny bellenen tertipde tassyklanan hünär taýýarlyk ugrunyň okuw meýilnamasyna we dersler boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda kesgitlemek;

-okuwyň özboluşly aýratynlygyna laýyk gelýän we okuw işiniň ýokary hilini üpjün edýän usulyny we serişdelerini saýlap almak;

-bilimiň mazmunynyň ýokary ylmy derejesini üpjün edýän ylmy barlaglara

gatnaşmak we täze düýpli bilimleri almak.

Professor-mugallymlar düzümi we işgärler degişlilikde ylmy hem-de mugallymçylyk işleri goşmaça alyp baryp bilerler.

**8.8.** Professor-mugallymlar düzümüniň we ylmy işgärleriniň borçlary:

-mugallymçylyk işiň ýokary netijeliligini üpjün etmek, döwlet bilim syýasatyny durmuşa geçirmek;

-talyplary ylmy barlaglary geçirmäge çekmek;

-talyplarda Watançylyk, Watana söýgi duýgularyny terbiýelemek;

-talyplarda özbaşdak işlemegi, täzeçilligi, döredijilik ukyplylygyny ösdürmek;

-mugallymlaryň, talyplaryň şahsy mertebesini hormatlamak, olaryň medeni we sazlaşykly ösüşleri barada alada etmek;

-ylmy we hünär bilimlerini ýaýratmak;

-öz hünär, umumy bilim we medeni derejelerini yzygiderli ýokarlandyryp durmak.

**8.9.** Edara ediş-hojalyk, okuw-kömekçi, inžener-tehniki, önümçilik we beýleki işgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, içerki zähmet düzgün-tertip kadalary we wezipe gözükdirijisi bilen kesgitlenilýär.

**8.10.** Borçlaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da degişli görnüşde ýerine ýetirilmezligi üçin institutyň ähli işgärleri Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygyna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilip bilner, zähmet borçlarynyň göreldeli ýerine ýetirilendigi üçin bolsa, Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygynda bellenen tertipde sylaglanylýar.

b) Institutyň talyplary:

**8.11.** Institutda okaýanlara talyplar, aspirantlar, diňleýjiler we beýlekiler degişlidir. Bellenen tertipde institutyň rektorynyň buýrugy bilen okuwa kabul edilen raýat talyp hasaplanylýar. Talyba talyp şahadatnamasy we hasap synag depderçesi berilýär.

Talyplaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygy, şu Tertipnama we institutyň beýleki içerki resminamalary bilen kesgitlenilýär.

Talyplar Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlarynda, Kararlarynda we buýruklarynda bellenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

**8.12.** Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde okuwlaryna ýetişýän, döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okuwa kabul edilen talyplar talyp haky bilen üpjün edilýär.

Institut döwlet talyp haklarynyň üstüne öz serişdelerinden goşmaça tölegleri goşmaga, talyplaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirlen beýleki çäreleri döretmäge hukuklydyr.

**8.13.** Başga şäherlerden gelen talyplara umumy ýaşaýyş jaýyndan ýer berilýär.

**8.14.** Institutyň talyplarynyň hukuklary:

-fakultetiň geňeşine saýlamak we saýlanmak;

-jemgyýetçilik guramalarynyň üsti bilen ýokary okuw mekdebiniň talyplaryň durmuşynda ýüze çykýan meseleleriň çözgüdine gönüden-göni gatnaşmak;

-institutda okadylýan umumy okuwlara, şeýle hem institutda geçirilýän goşmaça fakultatiw okuw sagatlaryna gatnaşmak;

-okuw kitaplaryndan, okuw-usuly gollanmalardan we beýleki edebiýatlardan, okuw üçin zerur bolan tehniki serişdelerden mugt peýdalanmak;

-okuwyň barşynda ýokary okuw mekdebiniň okuw-önümçilik, ylmy we

medeni, sport bazasyndan mugt peýdalanmak;

-okuwyň barşynda howpsuzlyk şertlerinde saglygy goraýşa;

-rektorlygyň öňünde okuw dersleriniň gowy hilli alnyp barylmagyny üpjün etmeýän mugallymlary çalyşmak barada mesele goýmak;

-kafedralar, Institutyň beýleki ylmy bölümleri tarapyndan guralýan ylmy-barlag işlerine gatnaşmak;

-saglyk ýagdaýy sebäpli akademiki rugsada çykmak;

-döwlet tarapyndan talyp haklary, kömek pullary bilen üpjün edilmek (döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okuwa kabul edilen talyplar üçin);

-"Orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryny işe ýollamagyň Düzgünnamasyna" laýyklykda, Instituty tamamlandan soň öz hünäri boýunça işe ýollamak.

**8.15.** Institutyň talyplarynyň borçlary:

-öz saýlap alan hünärleri, umumy ynsanperwerlik we durmuş-ykdysady dersler boýunça nazary bilimleri, tejribe endiklerini we işiň döwrebap usullaryny çuňňur ele almak;

-degişli okuw meýilnamasynda we maksatnamasynda göz öňünde tutulan ýumuşlaryň ähli görnüşlerini bellenen möhletinde ýerine ýetirmek;

-okuw sapaklarynyň ählisine gatnaşmak, okuw we ýerine ýetirijilik kadalaryny berjaý etmek;

-umumadamzat we milli medeni gymmatlyklary bilmek, gözýetimini giňeltmek we milli däp-dessurlaryň we adatlaryň esasyndaky dünýägaraýşyny kemala getirmek;

-guramaçylyk-iş endiklerini edinmek;

-ylmy we hünär bilimlerini wagyz ediş çärelerine gatnaşmak;

-geçirilýän medeni, terbiýeçilik, sport çärelerine we ýowarlara işjeň gatnaşmak.

**8.16.** Talyplaryň gowy okap, ylmy-barlag we jemgyýetçilik işlerine işeňňir gatnaşan ýagdaýlarynda, olary höweslendiriji atly talyp haklaryny almaga hödürlemek, talyp hakyny ýokarlandyrmak, minnetdarlyk yglan etmek, sylag bermek, gymmat baha sowgatlar bilen sylaglamak, hormat hatyny gowşurmak, hormat tagtasyna girizmek ýaly görnüşleri bellenilýär.

Içerki düzgün-nyzam tertibiniň düzgünlerinde sylaglamagyň beýleki görnüşleri hem göz öňünde tutulýar. Maddy we ahlak taýdan sylaglamagyň görnüşlerini saýlap almak Institut tarapyndan, dekanlygyň, kafedralaryň we talyplar köpçüliginiň hödürlemegi boýunça bar bolan serişdeleriň çäginde amala aşyrylýar.

Talyplaryň jemgyýetçilik tertibini, içerki düzgün-nyzam tertibiniň kadalaryny we umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň düzgünini bozandyklary üçin, olar babatynda duýduryş bermek, käýinç we berk käýinç yglan etmek, talyplyk hataryndan çykarmak ýaly düzgün-nyzam temmileri ulanylyp bilner.

## 9. INSTITUTYŇ EMLÄGI WE SERIŞDELERI

**9.1.** Institut özbaşdaklykda, şu Tertipnamada özüne berilýän hukuklaryň çäginde, maliýe-hojalyk işlerini alyp barýar, ähli serişdelerini ulanmagyň tertibini kesgitleýär.

**9.2.** Instituty maliýeleşdirmek:

-döwlet býujetinden goýberilen serişdeleriň hasabyna;

-ministrliklerden we edaralardan hünärmenleri maksatlaýyn taýýarlamaga çykýan çykdaýjylaryň öwezini dolmak tertibinde alnan serişdeleriň hasabyna;

-hojalyk şertnamasyndaky we döwlet býujetindäki ylmy-barlag işlerini, aýry-aýry temalary (tabşyryklary), işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmekden alnan serişdeleriň hasabyna;

-ilata tölegli bilim we beýleki hyzmatlary etmek, durmuş we döredijilik tabşyryklaryny ýerine ýetirmek, Türkmenistanyň we daşary ýurt raýatlary, edaralar bilen baglaşylan şertnamalar boýunça işleri ýerine ýetirmek boýunça hojalyk hasaplaşygyndaky we beýleki hojalyk işleri üçin serişdeleri almagyň, şeýle hem bu işlerden alnan girdejiniň hasabyna;

-Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriň resmi hem-de ýönekeý raýatlarynyň edaralary tarapyndan goýlan bank karzlarynyň, pul kömekleriniň (subsidiýalaryň) we subwensiýalaryň hasabyna;

-pudaklaryň, edaralaryň meýletin goýumlarynyň, aýry-aýry adamlaryň, edaralaryň maliýe goldawlarynyň hasabyna;

-döwlet edaralary, halkara guramalary we gaznalary tarapyndan bellenen grantlaryň, talyp haklarynyň we maliýe kömeklerini bermegiň beýleki görnüşleriniň hasabyna;

-Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna.

**9.3.** Institutyň maliýe işleri döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna ýokary okuw mekdebini saklamak üçin çykdaýjylaryň çenligi (smeta) we rektor tarapyndan tassyklanylýan we ýokary dolandyryş edarasy hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşylýan, býujetden daşary girdejileriň we çykdajylaryň çenligi esasynda amala aşyrylýar;

**9.4.** Institutyň jaýlary, binalary, enjamlary, inwentar we beýleki emläkleri döwlet eýeçiligi bolup durýar. Şertnamalaýyn esasda amala aşyrylýan ylmy-barlag we beýleki döredijilik işleriniň hasabyna gazanylýan emläk we beýleki serişdeler ýokary okuw mekdebiniň öz emlägi bolup durýar. Institut görkezilen eýeçilige öz garaýşyna görä ygtyýar etmäge hukuklydyr.

**9.5.** Institut öz borçnamasy boýunça garamagyndaky serişdelerine, özüne degişli bolan eýeçilige kanunda bolan bellenen tertipde jogapkärçilige çekýär.

**9.6.** Institut Türkmenistanyň we daşary ýurt raýatlaryna, kärhanalaryna, guramalaryna we edaralaryna tölegli bilim hyzmatlaryny etmek ugurlarynda maliýe-hojalyk işlerini alyp barmaga hukuklydyr. Bu iş telekeçilik işine degişli däldir, ondan gelýän girdejiler institut tarapyndan bilim beriş işleriniň üpjünçiligi üçin çykýan çykdaýjylarynyň öwezini dolmaga, maddy-tehniki esasyny giňeltmäge, okuw işleriniň guralyşyny kämilleşdirmäge, işgärleri maddy taýdan sylaglamaga we institutyň beýleki zerurlyklaryna sarp edilýär.

**9.7.** Institutyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde telekeçilik işlerini alyp barmaga hukugy bardyr. Institut öz telekeçilik işlerinde kärhana barabar bolýar we Türkmenistanyň telekeçilik işiniň ugrundaky kanunçylygynyň täsirine düşýär.

## 10. INSTITUTYŇ HALKARA IŞLERI

**10.1.** Institut öňünde durýan wezipeleri amal etmek üçin daşary ýurtlaryň

okuw, ylmy we beýleki edaralary hem-de guramalary bilen hünärmenleri we mugallym işgärleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak ugurlarynda, şeýle hem ylmy barlaglar we bilelikdäki işleriň görnüşleri ugurlaryndaky halkara hyzmatdaşlygyna gatnaşýar:

-talyplary, mugallymlary we ylmy işgärleri iki we köp taraplaýyn alyşmak maksatnamasyna gatnaşmak;

-bilelikdäki bilim maksatnamalaryny we ylmy barlaglary, şeýle hem ylmy-amaly maslahatlary, simpoziumlary, seminarlary we beýleki çäreleri geçirmek;

-düýpli we amaly barlaglary, tejribe-düzüjilik we beýleki işleri daşary ýurt guramalarynyň tabşyrmagy boýunça amala aşyrmak;

-ýokary bilimi kämilleşdirmegiň halkara maksatnamalaryna gatnaşmak;

-kanunçylyk tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çäreleri geçirmek.

**10.2.** Institut bilim beriş işlerini we ylmy işleri kämilleşdirmek maksady bilen talyplaryň taýýarlygynyň hilini gowulandyrmak üçin we kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde şulara hukugy bardyr:

-döwlete degişli bolmadyk halkara guramalarynyň işlerine gatnaşmaga;

-daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde işlemek barada şertnamalary baglaşmaga, olaryň gatnaşmagynda guramaçylyk bölümlerini (merkezleri, tejribe-barlag geçirilýän ýerleri we beýlekileri) döretmäge;

-daşary ykdysady işler bilen meşgullanmak we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde bank edaralarynda walýuta hasaplaryny açmaga.

**10.3.** Institut tarapyndan daşary ykdysady işleriň netijesinde alnan pul serişdeleri şu Tertipnamada kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmäge sarp edilýär.

## 11. INSTITUTDA HASAP WE HASABATLYLYK

**11.1.** Institut hereket edýän kanunçylyk esasynda öz işiniň netijeleri barada gündelik we buhgalterçilik hasabyny amala aşyrýar, bellenen görnüşde maglumat we buhgalterçilik hasabatyny ýöredýär, şeýle hem garamagynda durýan ministrligine, edarasyna serişdeleriň alnyşy we sarp edilişi baradaky hasabaty berýär.

**11.2.** Buhgalterçilik hasabynyň esasy wezipeleri:

-Institutyň hojalyk işleri we işiň netijesi barada gündelik dolandyryş üçin zerur bolan doly we hakyky (dogry) maglumatlar bazasyny döretmek;

-emläkleriň bardygyna we hereketdedigine gözegçiligi üpjün etmek, maddy, zähmet we maliýe gorlaryny kadalara, kadalaşdyryjylara we çenlige laýyklykda peýdalanmak;

-maliýe-hojalyk işlerindäki ýaramaz ýagdaýlaryň öz wagtynda öňüni almak, içerki-hojalyk gorlaryny ýüze çykarmak we peýdalanmak.

**11.3.** Institutynyň wezipeli adamlary döwlet hasabaty ýoýulan ýagdaýynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

**11.4.** Institut döwlet, durmuş-üpjünçilik, ykdysady we salgyt syýasatlaryny amal etmek maksady bilen resminamalaryň (dolandyryş, maliýe-hojalyk, şahsy düzüm we beýlekiler baradaky) saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär, ylmy taryhy ähmiýeti bolan resminamalaryň bellenen tertipde döwlet goragyna tabşyrylmagyny üpjün edýär.

**11.5.** Institutyň okuw we maliýe-hojalyk işlerine gözegçilik Esaslandyryjy hem-de ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

## 12. INSTITUTYŇ IÇERKI RESMINAMALARY

**12.1.** Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga we şu Tertipnama esaslanyp, Institutyň dolandyryş edaralarynyň, guramaçylyk bölümleriniň, işgärleriniň we talyplarynyň işlerini kadalaşdyrmak boýunça aşakdaky içki resminamalar düzülýär:

1. Institutyň Alymlar geňeşi hakynda Düzgünnama;
2. Rektoryň Geňeşi hakynda Düzgünnama;
3. Fakultet, kafedra hakyndaky Düzgünnama;
4. Institutyň işgärleri we talyplary üçin içerki tertip kadalary;
5. Ylmy-mugallymçylyk işgärleriniň hünär synagy baradaky Düzgünnama;
6. Talyp hakynda Düzgünnama (Talyplyk Düzgünnamasy);
7. Işgärleri maddy we ahlak taýdan goldamak barada Düzgünnama;
8. Kitaphanadan peýdalanmagyň düzgünleri;
9. Institutyň ylmy-mugallymçylyk we beýleki işgärleriniň wezipe gözükdirijileri;
10. Guramaçylyk bölümleri (bölümler, gulluklar) baradaky Düzgünnama;
11. Zerurlygy şu Tertipnamanyň wezipeleriniň aýratynlyklary bilen kesgitlenýän beýleki düzgünnamalar.

## 13. INSTITUTYŇ IŞINIŇ ÝATYRYLMAGY WE ÝAPYLMAGY

**13.1.** Institutyň işiniň ýatyrylmagy we ýapylmagy Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylýar.

**13.2.**Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylan wagtyndan başlap, ol ýatyrylan diýlip hasap edilýär.

## 14. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**14.1.** Institut Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan bellige alnandan soň şu Tertipnama güýje girýär.

**14.2.** Şu Tertipnama türkmen dilinde 2 (iki) nusgada düzüldi, olaryň her biri birmeňzeş hukuk güýjüne eýedir.

**14.3.** Şu Tertipnama Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan bellige alnan wagtyndan başlap güýje girýär.